# Gerkules hem geými?

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gerkules hem geými? GERKULES HEM GEÝMI?




Hemjynslyga (gomoseksualizme) köplenç soñ ýüze çykan zat ýaly garalýar, emma taryhyñ dürli döwürlerinde, dürli medeniýetlerde bu ýaramazlygyñ yzlaryna gabat gelmek bolýar. Täze trend ýaly görkezilmäge synanyşylýarmy ýa-da genetiki faktorlaryñ täsiriniñ ýokdugyny öñe sürmek üçin şular ýaly gizlenýärmi, belli däl, ýöne aslynda hakykat açyk-aýdyñ ortada…




Taryh döwre hökmüni ýöredýänler tarapyndan ýazylýar. Köplenç halatda-da nämäni ýatlap, nämäni ýatdan çykarmalydygyny-da saýlap alýanlar şolar bolýar.

Taryh kitaplarynyñ gatyny açanyñyzda, okuw jaýlarynda okadylýan okuw gollanmalarynda hiç bir jemgyýetde hemjynslygyñ ýa-da hemjyns suratkeşiñ şahyryñ öz jynsdaşyna aşyk bolandygy baradaky maglumata gabat gelmersiñiz.
Emma heniz üsti örg çeşmeler munuñ düýbünden tersini görkezýär: hemjynslyk ähli jemgyýetlerde bolandygyna garamazdan diñe wagtdan wagta ýa-da jemgyýetden jemgyýete hemjynslyga bolan garşylyk üýtgäp durupdyr. Taryhyñ dürli döwürlerinde jemgyýetleriñ umuman köpüsu bu ýaramazlygy ýazgaranam bolsa, käbir jemgyýetleriñ muny bolaýmaly zat ýaly garaýany-da bolupdyr.

**• Meselem, Gadymy Gresiýada erkekleriñ az sanly-da bolsa, özi ýaly erkekler bilen är-aýal ýaly ýaşaşandyklaryny bilýän barmy?**

Kämillik ýaşyna ýeten iki erkegiñ arasyndaky gatnaşyk gönüden-göni kabul edilmese-de, är-aýallygyñ berýän artykmaçlyklaryndan hemjyns jübütleriñem peýdalanmagyny üpjün edýärdi, emma şol döwürlerde «hemjynslyk» düşünjesi heniz orta çykmandy). Gadymy Gresiýada ýaş tapawudynyñ bolan ýagdaýlarynda bolsa üýtgeşik ýagdaý bardy. Meselem, ýokary gatlagyñ 30-40 ýaşdan geçen erkegi kämillik ýaşyna ýetmedik gyzjagazlara arkaýyn öýlenip bilýärdi, şol sanda munuñ geñsi ýerine geleliñ: olar kämillik ýaşyna ýetmedik oglanjyklary hem özüne alyp bilýärdiler! Bir tapawudy: gyzjagazyñ kakasynyñ razylygy alynýan bolsa, oglanjyklaryñ öz pikiri soralypdyr.

**• Şeýle-de, gadymy greklerde demokratiýanyñ häzirki simwollarynyñ hemjyns iki aşyk-magşuk bolandygyny bilýärsiñizmi?**

Garmodiý we Aristogiton, ikisi bileleşip döwrüniñ Tiranyny agdaryp, demokratiýanyñ simwolyna öwrülipdiler, emma taryhyñ gatyna başga göz bilen seretseñem, olar biri-birlerine aşyk iki jübütdi!



- **Ýogsa-da, Aleksandr Makedonskiý bilen örän ýakyn dostlugy bolan Gefestionyñ arasynda näme bardy?**

Gefestion Aleksandryñ iñ ýakyn dosty bolmak bilen birlikde iñ ýakyn syrdaşy we ömrüniñ köp bölegini bile geçiren adamydy.

Gynansak-da, taryh bize hemme zady ähli ýalañaçlygy bilen açyp görkezenok, emma dünýäniñ iñ jedelli myş-myşy, şek-şübhesiz, kimler üçin hakykatdygy bireýýäm subut edilen zat, kimler üçin bolsa häzirem ýeterlik subutnamasy ýok bu iki jübütiñ dillerden düşmän gelýän gatnaşygydyr!

Gürrüñ, gadymy greklerden Osmanla geçip gidende bolsa, hemmämiziñ ýeke-ýekeden göz öñünden kino lentasy ýaly geçip giden iki tema bar: erkek haremler, Nedimiñ we başga-da birnäçe şahyryñ erkekleri wasp edip ýazan şygyrlary, gomoseksual temaly miniatýuralar we ş.m.-ler…



Soñky asyrlara gelenimizde garşymyza çykýan hasam köp adam bar.
Watikanyñ Sikstin kapellasyny ajaýyp freskalar bilen bezän Mikelanjelo, sonetlerinde göwni giden erkegine serenadalar düzen Şekspir, Da Winçi, Bleýk, Uitmen, Prust, Baden-Pauell, Çaýkowskiý, Britten, Oden, Işerwud, Baýron, Waýld… Bularyñ hemmesiniñ ady gomoseksual gatnaşyklar bilen bile tutulýar, hemmesi-de ýa diñe erkek bilen ýa-da ömrüniñ bir böleginde aýallar bilen gatnaşygyñ arasynda erkege-de ýer beren şahslardyr…



- **Indi bolsa sözbaşydaky soragyñ üstünde durup geçeliñ. Eýsem Gerkules hem geý bolupmy?**

Taryh kitaplaryna, hekaýatlara we miflere siñe üns berseñ, onuñ hemjyns bolmasa-da biseksual bolandygyny bilip bolýar. Yzynda 500 perzent galdyrandygy bilen meşhurlyga eýe bolan Gerkulesiñ erkek ýassykdaşlaryndan biziñ günlerimize çenli ady saklanyp galanlary şulardyr: Admet, Ifit, Ýewfem, Elakat, Abder, Iolaý.

Osmanly döwründen hemjynslygy şekillendirýän suratlar saklanyp galypdyr, şahyrlar kofehanalardyr çaýhanalarda hemjynslygy aç-açan suratlandyrýan şygyrlary aýdyp bilipdir, şeýle-de goşunyñ ýany bilen jynsy islegleri kanagatlandyrar ýaly ýörite saklanýan erkekleri äkidipdirler…. Hatda Angliýadyr ABŞ-dan ýüz ýyla golaý wagt öñ (1858-nji ýylda) gomoseksual gatnaşyga rugsat berýän kanuny kabul edenem Osmanly döwletidir.

Gynansak-da, taryh elmydama biziñ orta atýan soraglarymyza jogap berip bilmeýär…

Fatih TAŞPYNAR.